# Hyttyn söweşi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hyttyn söweşi HYTTYN SÖWEŞI




Gidip şan, perişan araplañ haly,
Gan gusýardy halky Ýerusalimiñ.
Akdy günäsizje musulman gany,
Syrygyp gyljyndan, haçly zalymyñ.
Çöllüge kowdular diri galanyn,
Açlykdan deriler süñke ýetipdi.
Umytsyzja bakyp gündogar sary,
Diýdiler: "Gutardy, hemmesi bitdi. "

Gümp, gümp, gümp, nagarañ sesi,
Kesildi araplañ bütin nepesi,
Gümп, gümp, gümp, ýene-de geldi,

Garyşdy begenjiñ, agynyñ sesi.

"Allahu Ekber" diýip, çölden indiler,
İndi haçly nirde gizlär başyny.
Araplar şatlykdan göge uçdular,
Geldi halas etjek Oguz goşuny.

Geldi ýeñilmezek goşuny bilen,
Şir atamyz Selaheddin Eýýuby.
Arkasynda müñläp türkmen esgeri,
Alla diýýär, olaň basan her ýeri.

Merkez hüjüm eder, soñ yza gaçar,
Duşmanam gylyçly kowalar ony.
Sagyndan, solundan atlylar geçer,
Gurtlar şeýdip alýar, ähli awuny.

Bütin Ýewropanyñ gorkuly düýşi,
Eýýubyñ ogludyr, Selaheddindir.
Anyk on ýedi müň, haçlynyñ läşi,
Guma garan söweşi-de Hyttyndyr.

Ömrüni çadyrda geçiren soltan,
Kepenlik puly ýok, göçende mundan.
Beýik atamyzyñ ruhy şat bolsun,
Ruhuna "Fatyha" Oguz kowmundan.

Dostum, hekaýanyñ soñuna geldik,
Şirleñ ýüzügi däl, ýüregi almaz.
Ynsany ölümden ajaly gorar,
Batyr bol, ajaly gelmedik ölmez!

Arslan TÖRÄÝEW. Goşgular